# Sütükli haýwanlaryň ýurduna syýahat ýa-da ýüzýän adadaky başdangeçirmeler (1 bolek)

Category: Romanlar
написано kitapcy | 16 марта, 2025



Žül WERN,
fransuz ýazyjysy

BIRINJI BÖLÜM

BIRINJI BAP

Relaýans fortunyň ( Fort – kiçeňräk gala, berkitme.) myhmanlary

Şol agşam 1859-njy ýylyň 17-nji martynda kapitan Krewenti Relaýans berkitmesinde toý-baýram gurnady.

Ýöne okyjymyz oňa üýtgeşik bir dabaraly ýygnanyşyk ýa-da bezm bilen guralan toý-tomaşa, ýa bolmasa şowhun-şagalaňly agşam, ýa-da aýdaly aýdym-sazly gözden geçirilişdir öýdäýmesin.

Kapitan Krewentiniň gurnan meýlisi olara garanyňda has

ýönekeýjedi, ýogsam öý eýesi ony gyzykdyrmak üçin zadyny gaýgyrmandy.

Hakykatdanam, kapral ( Kapral – şahsy düzümiň kiçi ýolbaşçy çini.) Jolifiň beýemçilik etmegi bilen jaýyň aşaky gatyndaky giň zal düýbünden özgerdi. Dogry büdür-südür ýonulan pürsleri gapdallygyna ýatyrylyp salnan agaç diwarlar göze dürtülip durdy, ýöne dört çüňkde berkidilip goýlan dört sany britan baýdagy hem-de üstünden berkitmäniň ýarag ammaryndan saýlanyp alnan her hili ýaraglar asylyp goýlan galkanlar diwarlaryň çyplaňlygyny az-kem göze gelüwli etdi. Jaýyň üçegini emele getirýän, garalyp giden, uzyn tüňňi-saňňy agaçlary palta bilen gyrdalan, gyşarybrak duran sütünler saklaýardy. Ýöne olary zynjyryň ujuna asylan, içeriň dumanlap duranyna garamazdan, oňat ýagtylandyrýan, ýalpyldawuk tünekeli iki sany çyra lýustralar kimin hallan atyp, görer gözden gizleýärdi. Penjireler insizjedi, olaryň käbiri gözara çalymdaşdy, olaryň gyrawlap duran aýnasy daşardaky bilesigelijilere içerde nämeleriň bolup geçýändigini görmäge mümkinçilik bermeýärdi. Gyzyl matadan tikilip, owadan jäheklenen iki-üç sany tuta çagyrylanlaryň gaty göwni ýetdi. Üç dýumlyk galyň agaçlardan syk ýanaşdyrylyp kakylan jaýyň poly, baýramçylygyň şanyna kapral Jolif tarapyndan mazaly syrylyp-süpürilipdi. Myhmanlaryň öýüň içinde keýpihon aýlanmaklaryna päsgel berip biljek kürsüdir diwanlaryň, oturgyçlaryň biri goýulman zaldan aýrylypdyr. Zalyň içiniň ähli mebeli diňe galyň diwarlara pugta birikdirilen agaç dyzeperlerden, palta bilen alty gyraň edilip taraşlanan ullakan agaçlardan hem-de mähnet aýakly iki sany agyr stoldan ybaratdy. Ýöne bir taý gabsaly insiz gapynyň aňyrsyndaky içki diwar diýseň nepis bezelendi. Ol ýerde owadan sütükler tertipli edilip agaçlardan asylypdyr. Şeýle seýrek duş gelýän derileri Rijent köçesiniň ýa-da Newa şaýolunyň men diýen dükanlaryndan hem tapjak gümanyň ýokdy. Arktika ülkesiniň ähli haýwanat dünýäsi özüniň iň saýlama sütükleri bilen bu ýerde görkezilen ýalydy. Bu baýlyklary göreniňde gözüň doýman, olaryň haýsyna seretjegiňi bilmeýärdiň. Bu ýerde möjekleriň, goňur we ak aýylaryň, gunduzlaryň, ( Gunduz –

wydra. Suwda gowy ýüzýän balyklar we gurbagalar we ş.m. bilen iýmitlenýän, gara-goňur reňkli gymmatbaha derisi bolan, samyrlar maşgalasyna degişli ýyrtyjy jandar.) rosomahalaryň, ( Rosomaha – samyrlar maşgalasyndan bolan, gymmatbaha derili ýyrtyjy haýwan.) amerikan norkalarynyň, ( Norka – samyrlar maşgalasyndan bolan dürli reňkde öwşün atýan gymmatbaha derili ýyrtyjy haýwan. Amerikan norkasy Dg. Amerikada mesgen tutýar.) suwitiniň, ( Suwiti – bobr. Gymmatbahaly goňur derisi bolan, derýalaryň kenarynda süri-süri bolup ýaşaýan gemriji jandar.) müşk alakalarynyň, ( Müşk alakalary – ondatra, ýalpyldap duran goňur reňkli gymmatbaha sütügi bolan suw boýlarynda ýaşaýan gemriji jandar.) gornostaýlaryň, ( Gornostaý – samyrlar maşgalasyndan bolan gyşyna ak, guýrugynyň ujy gara gymmatbaha derisi bolan ýyrtyjy jandar.) kümüşsöw tilkileriň derileri bardy. Bu özboluşly serginiň ýokarsynda reňkli kagyzlardan owadan edilip gyrkylan ýazgy bardy. Ol ýazgy meşhur Gudzon aýlagy şereketiniň şygarydy:

PROPELLE CUTEM! ( Propelle cutem! – Sütüklere ýol beriň! (latynça).)

– Berekella, kapral Jolif – diýip, kapitan Krewenti öz tabynlygyndaky gullukçysyna ýüzlendi. – Siziň başarmajak zadyňyz ýok!

– Ahmal, kapitan, ýöne her kimiň edenine mynasyp baha bermek gerek. Siziň öwgiňiziň gylla ýaryndan gowuragy missis Jolifiň paýyna düşýär. Sebäbi bularyň ählisini taýýarlamaga ol kömek etdi!

– Siziň keýwanyňyzyň elinden dür dökülýär, kapral!

– Hawa kapitan, oňa taý geljek ýokdur.

Zalyň ortasynda ägirt uly peç bardy. Onuň ýarysy kerpiçden, ýarysy hem syrçaly ýuka kafeldendi. Pejiň jaýyň üçegini deşip çykarylan turbasy daşaryk gap-gara tüssäni burugsadýardy. Peç ýylylygy saklamak üçin jogapkär goýlan esgeriň gysganman, kepjäni dolduryp, içine oklaýan kömrüni ýuwdup haşlaýardy,

güwleýärdi hem-de gyzýardy. Mahal-mahal turbanyň içine şemal dolýardy. Şonda ajy tüsse peçden çykyp, zalyň içine ýaýraýardy. Ýalnyň dili pejiň daşyna örülen kerpiji ýalaýardy, goýy tüsse çyranyň daşyny tutýardy, yşyk kütelýärdi, üçegiň kese agaçlaryna bolsa gurum siňýärdi. Ýöne bu Relaýans fortunyň myhmanlarynyň birjik-de keýpini bozmaýardy. Peç olary ýyladýardy, şonuň üçinem olar tüsse ýaly ownuk-uşak oňaýsyzlyklara boýun alykdylar, onuň üstesine-de, daşarda gazaply aňzak höküm sürýärdi, demirgazykdan öwüsýän çapgyn şemal ony hasam güýçlendirýärdi.

Aňzagyň nähili gazabyna tutýandygy penjiräniň aňyrsyndan eşidilip durdy. Buza öwrülen gar tozgalary doňan aýnalara şapylap urulýardy. Kesip gelýän sowuk howa gapydyr äpişgäniň jaýryklaryndan girýärdi hem-de wagtal-wagtal şuwwuldap ses edýärdi. Aram-aram tebigy apat, göýä, güýç toplap bat almakçy bolýan ýaly dym-dyrslyk bolýardy, soňundanam tupan ýene-de gazaba münýärdi. Onuň zarbyna jaý sarsyp gidýärdi, gapdal diwaryň agaçlary jygyldaýardy, jaýyň üstüne atylan kese agaçlar zaryn ses edýärdi. Muny öň görmedik adam agaç sütünlerden hem tagtalardan ybarat bu jaýy gaý-tupan ýykmasa-da biri diýip biygtyýar içini gepletse gerek. Ýöne bu harasat kapitan Krewentiniň myhmanlarynyň piňine-de däldi, olar beýle ýagdaýa öwrenişendi. Olar hatda daşaryk çykaýanlarynda hem ondan, tupanyň iň gazabyna tutan mahaly deňiz tolkunlarynyň üstünden uçmagy halaýan burewestniklerden ( Burewestnik – gaňyrçak çüňkli, inçeden uzyn ganatly, uly deňiz guşy. Bu guş adatça, tupanyň öňüsyrasynda peýda bolýar.) beter eýmenmejekdiler.

Ýöne biz henizem bu arzyly myhmanlaryň kimlerdigini aýdamzok. Bu ýerde ýüze golaý aýal-erkek ýygnanypdy. Ýöne olaryň diňe ikisi – iki zenan – Relaýans fortunda öň görülmeýän myhmanlardy. Fortda hemişe ýaşap ýörenleriň arasyndan, bu ýerde kapitan Krewenti, leýtenant Jasper Gobson, seržant Long, kapral Jolif hem-de esgerlerden we şereketiň gullukçylaryndan ybarat bolan altmyş töweregi adam bardy. Olaryň birnäçesi öý-

işiklidi. Olaryň arasynda kanadaly işeňňir we alçak zenanyň bagtyýar ýanýoldaşy kapral Jolif, öz ildeşine öýlenen şotlandiýaly Mak-Nap, golaýda ýerli indeý zenanyna öýlenen Jon Reý dagy bardy. Bu adamlaryň hemmesi – serkerdeler, gullukçylar, esgerler öz wezipelerine garamazdan, bu gün kapitan Krewentiniň öýünde meýlis gurýardylar.

Arzyly myhmanlaryň arasynda diňe Relaýans fortunyň wezipeli adamlary bolman, goňşy fortlardan gelen myhmanlaryň hem bardygyny bellemek gerek. Bu alys ülkede biri-birinden ýüz mil uzakda ýaşaýanlaram özlerini goňşy hasaplaýardylar. Olar Kapitan Krewentiniň çakylygyny höwes bilen kabul edipdiler. Bendiçilik ( Häzirki zaman kartalarynda «Uly Bendiçilik» köli diýlip görkezilýär.) kölüniň etrabyna degişli edilýän Prowidens we Rezolýuşen fortlaryndan, şeýle hem birneme günortarakda ýerleşýän Çipewaýan we Laýard fortlaryndan hem birnäçe gullukçylardyr dellallar bu gün myhmançylyga gelipdiler. Demirgazygyň gum-gukluk beýewanlarynda, terkidünýäler ýa-da sürgün edilenler ýaly bu unudylan adamlar iş-aladadan saplanyp, şähtlerini açmak üçin dörän bu mümkinçilikden uly höwes bilen peýdalandylar.

Indeý serdarlarynyň hem birnäçesi çakylykdan boýun gaçyrmadylar. Şereketiň satýan sütükleriniň aglaba bölegi Faktoriýalar ( Faktoriýa – çetki awçylyk etraplarynda söwda-üpjünçilik we taýýarlaýyş nokady.) bilen hemişe aragatnaşyk saklaýan bu ýerli ýaşaýjylardan haryda çalşylyp alynýardy. Olaryň köpüsi çippeweý taýpasynyň indeýleridi. Olar gujurly, owadan syratly adamlardy. Özleri hem deriden kürtekçe hem-de örän ýyly sütükli possun geýnipdirler. Olaryň ýarysy gyzyl, beýleki ýarysy bolsa gara reňk bilen reňklenen ýüzleri, Ýewropada görkezilýän erteki-oýunlarda artistleriň melgunlary suratlandyranlarynda has ynandyryjy bolmagy üçin geýýän nykaplaryna çalym edip durdy. Olaryň başyndaky, haýsydyr bir merhemetli hanymyň açylgy ýelpewajy ýaly bolup duran bürgüt ýelekleriniň bogdagy, kelleleriniň sähelçe gymyldysyna ýelkildäp durdy. Meýlise gelen indeý serdarlarynyň hiç haýsysy

öz ýanlary bilen aýallaryny alyp gelmändiler, çünki olar öz ýanýoldaşlaryna gyrnak hökmünde garaýardylar.

Şol agşam Relaýans fortunyň kapitanynyň açyk göwün bilen kabul eden myhmanlary şulardan ybaratdy. Sazandalaryň ýoklugy sebäpli tans edip boljak däldi, ýöne myhmanlaryň öňünde goýlan hödür-keremler, naz-nygmatlar, ýewropa baýramçylyklaryndaky hakyna tutma sazandalaryň ýoklugyny bildirmedi. Stolda missis Jolifiň öz elleri bilen taýýarlan piramida görnüşli pudingi ( Puding – ak çörekden, tüwiden, etden, ýagdan, hem-de miwelerden durýan iňlisleriň milli tagamy.) ýokary galyp durdy. Ol hamyrdan, sugun ýagyndan hem-de müşk öküziniň etinden taýýarlanypdy, özi hem kesik konus ( Konus – gönüburçly üçburçlugyň öz katetleriniň biriniň daşyndan aýlanmagy netijesinde emele gelýän geometriki şekil.) şekilindedi. Onda aşpezleriň kitaplarynda maslahat berilýän ýumurtga, süýt we limon ýokdy, ýöne onuň ägirt uly ölçegi bu ýetmezçiligi ödeýärdi. Missis Jolif ondan uly bölekleri zol-zol kesip alýardy, ýöne bu ägirt uly puding gutararly däldi. Stoluň üstünde sandwiçler ( Sandwiç – arasyna ýag, peýnir, şöhlat we ş.m salnan iki bölek çörek.) üýşmek bolup durdy. Iňlis çöregi bolmansoň, olar guradylan deňiz çöreginden taýýarlanypdyr. Guran çöregiň gatydygyna garamazdan, çipweýleriň berk dişleri aňsatlyk bilen olaryň hötdesinden gelýärdi. Gury çörekleriň arasyna bolsa missis Jolif duza ýatyrylan sygyr etiniň «kornbif» diýlip atlandyrylýan üýtgeşik görnüşiniň ýukajyk gatlaryny salypdy. Ol bu ýerde Ýewropada äberilýän doňuz eti bilen domalanyň garylyp üwelen doňdurmasynyň ýerini tutýardy. Içgi barada aýdylanda bolsa, dürli şerbetlerden doldurylan galaýy bulgurjyklar stoluň töwereginde ýokary göterilýärdi. Indeý kümelerinde uzak mahallap gürrüňi ediljek bu baýramy ajaýyp punş ( Punş – şerbet, suw, gant, limon şiresi we ş.m. garyşdyrylyp taýýarlanýan içgi. ) hasam mahabatlandyrmalydy.

Şol gün Joliflere aýdylan öwgüli sözleri diýsene! Ýöne olar näçe diýseň yhlasam etdiler! Garabaşynagaý bolup, nirä

ýetişjegini bilmeýärdiler, myhmanlara yhlas bilen her dürli naz-nygmatlary hödürleýärdiler! Olar özlerinden haýyş edilip soralýança garaşyp durmaýardylar, kimiň näme isleýändigini myhmanlaryň gözlerinden okap hyzmat edýärdiler. Myhmanlar nämedir bir zat haýyş etjek bolup dil ýarmaga beýle-de dursun, hatda iýesleriniň gelýän zatlaryny görmäge hem ýetişmeýärdiler. Sandwiçlerden soňra egsilmeýän pudingiň bölekleri äberildi! Pudingden soň bolsa dürli şerbetler guýlan badalar myhmanlara hödürlendi!

– Merhemet ediň, missis Jolif!

– Hyzmatyňyz üçin sag boluň, kapral! Eňegimiz ýazmanka, az-owlak puryja bereweriň!

– Ynanaýyň missis Jolif, men gerk-gäbe doýdum!

– Kapral Jolif, beýtmäweriň, iýme kemimiz galmady!

– Ýok hanym, ýok!.. Boldum, indi aňrymda ýer galmady!

Bagtyýar jübütleriň gulagyna şeýle mylaýym sözler zol-zol eşidilýärdi. Ýöne kapral bilen keýwanysy öz sözlerini gögerdýärdiler, iň özdiýenlilerem olaryň hezzetinden boýun gaçyryp bilmeýärdi. Iýip-içilip oturylyşyna meýlis hasam gyzykdy. Adamlaryň sesi gitdigiçe batlanýardy. Esgerler, gullukçylar, umuman, myhmanlaryň hemmesi dogumlandy. O taýda awçylyk hakynda gürrüň gidýän bolsa, bu ýerde söwda hakynda gep urulýardy. Geljekki möwsüm üçin her kimiň birgiden etsem-goýsamlary bardy! Bu edenli awçylaryň islegini kanagatlandyrmaga Arktika sebitiniň ähli haýwanat dünýäsi hem ýetjek däldi. Aýylar, tilkiler, müşk öküzi bu awçylaryň oklaryna pürrelenýärdi. Suwitleriniň, ýalmanlaryň, gornostaýlaryň, samyrlaryň, ( Samyr – kunisa, goňur reňkli gymmatbaha derisi bolan kiçeňräk ýyrtyjy jandar. ) norkalaryň müňlerçesi olaryň gapanyna düşýärdi! Gymmatbaha sütükler şereketiň ammarlarynda topbak-topbak bolup ýatyrdy. Olardan gelýän girdejiler, şol ýyl bolsady ekilen ýaly bolupdy. Sahylyk bilen guýulýan şerbetler ýewropalylaryň başyny

sämedýärdi. Indeýler bolsa kapitan Krewentiniň «otly suwundan» näçe içseler-de, haýsydyr bir zada geň galmagy özleri üçin kiçilik bilýärdiler, nämedir bir zady wada bermekden seresap bolýardylar, şonuň üçin hem olar gürrüňe goşulmaýardylar, ulumsylyk bilen dymyp otyrdylar.

Kapitanyň özi bolsa bu şagalaňly meýlise tüýs ýüreginden şatlanýardy. Ol dünýäniň yns-jynssyz bu çola künjeginde ýaşamak maňlaýyna ýazylan bu bendeleriň göwnüni göterenine begenip, iki bolup bilenokdy. Ol myhmanlaryň arasynda aýlanyp ýörşüne oturylyşyga degişli näme soralsa diňe:

— Jolifden soraň! Jolifden soraň! — diýip jogap berýärdi.

Onsoň myhmanlar hem Jolife ýüzlenýärdiler, onda bolsa olaryň göwnüni awlap biljek sözler gytçylyk edenokdy.

Relaýans fortuny goraýan hem-de bu ýerde gulluk edýän käbir adamlar hakynda has giňişleýin gürrüň bermek gerek, sebäbi olar az-kem soňra adam akylyna gelmejek howply wakalaryň oýunjagyna öwrüldiler. Şonuň üçin hem biz leýtenant Jasper Gobson, seržant Long, är-aýal Jolifler hem-de bu gün myhmançylyga gelen iki zenan hakynda bir-iki agyz aýdalyň. Hut şol iki zenan mynasybetli kapitan bu oturylyşygy gurnapdy.

Leýtenant Jasper Gobson kyrk ýaşyndady. Ol gysga boýly, hor bolansoň beýlebir gujurly däldi, ýöne onuň ruhy güýji egsilmezdi, şonuň üçin hem ol ähli synaglardan, çykgynsyz ýagdaýlardan üstünlik bilen baş alyp çykýardy. Jasper bu «şereketiň perzendidi». Onuň birnäçe ýyl mundan ozal dünýäden öten kakasy Dublinden gelen irlandiýaly maýor Gobson uzak wagtyň dowamynda missis Gobson bilen Assiniboýn fortunda ýaşapdy. Jasper Gobson hem şol ýerde dünýä inipdi. Bu ýerde, Gaýaly daglaryň ( Gaýaly daglar — Kordilýer dag ulgamyna degişli ABŞ-yň we Kanadanyň günbatarynda ýerleşen daglar.) eteginde onuň çagalygy we ýetginjekligi geçipdi. Maýor Gobsonyň berk tutup terbiýelemegi ony heniz ýetginjek oglanka sowukganly, edenli adam edip ýetişdiripdi. Jasper Gobson awçy

däldi, söweşijidi, ol akylly hem batyr serkerdedi. Oregonda Gudzon aýlagy şereketi öz bäsdeşleri bilen ýiti göreş alyp barmaly bolanda, ol özüniň başarnygy we gaýratlylygy bilen tapawutlandy hem-de tiz wagtdan leýtenant çinine ýetdi. Soňra onuň başarnyklarynyň umumy ykrar edilmegi netijesinde şereket Gobsony çet demirgazyga gitmeli toparyň ýolbaşçysy edip belledi. Bu toparyň öňünde Uly Aýy kölüniň ýetmişinji parallelden ( Parallel – Ýer togalagynyň üstünden, ekwatora parallellikde geçirilýän şertli çyzyk.) ýokarda ýerleşen demirgazyk kenaryny öwrenmek hem-de Amerika yklymynyň iň çet gyrasynda fort gurnamak wezipesi durýardy. Jasper Gobson aprel aýynyň ilkinji günlerinde ýola düşmelidi.

Eger-de leýtenant hakyky serkerdäniň nusgalyk häsiýetlerini özünde jemleýän bolsa, kokosyň süýüminden ýörite ýasalan ýaly gaty gyrçuw sakgally, elli ýaşlaryndaky seržant Long özünde naýbaşy esgeriň görelde alarlyk sypatlaryny jemleýärdi. Ol doga gözsüz batyrdy, düzgün-tertibi pugta berjaý edýärdi, harby buýrukdan başga hiç zady ykrar etmeýärdi, her näçe geň tabşyryk bolanda hem birjik-de pikir etmezden ony gürrüňsiz ýerine ýetirýärdi, gulluk babatynda aýdanymyzda bolsa Long egnine harby geýim geýdirilen maşyn ýalydy, özem bu maşyn örän kämildi, guratdy, hemişe hereketdedi, hiç mahal ýadawlygy bilmeýärdi. Seržant Longuň öz tabynlygyndakylary juda pugta tutýan bolmagy hem ahmal, ýöne ol özüne hem gaty zabun daraýardy. Ol düzgün-tertibiň sähelçe bozulmagyna hem gözüni ýumup bilmeýärdi, goýberilen säwlik üçin dözmezçilik etmän ýowuz temmi berýärdi, onuň özi bolsa hiç haçan säwlik goýbermeýärdi, şonuň üçin temmi hem almaýardy. Seržantlyk çini ony buýruk bermäge borçly edýärdi, ýöne buýruk bereni üçin ol hiç hili eselmeýärdi, çünki ol buýruk bermek üçin däl-de, buýrugy ýerine ýetirmek üçin doglandy, onda şöhratparazlygyň bolmazlygy kiçigöwünli häsiýetine gelşip durdy. Güýç-kuwwatly goşunlar hut şeýle adamlardan döreýär. Olar elmydama bir kellä gulluk edýärler. Harby kuwwaty dogry guramagyň bar syry hem şunda dälmi, eýse? Rowaýatlarda güýjüň iki hili keşbi görkezilýär. Olaryň biri ýüz sany eli bolan Briareý, beýlekisi

bolsa ýüz sany kelleli Gidra. Eger-de bu bedähetler biri-biri bilen garpyşsa haýsy ýeňer öýdýärsiňiz? Elbetde, Briareý ýeňer.

Kapral Jolif bilen okyjymyz eýýäm tanyşdyr. Ol garynja ýaly elmydama ýetişiksiz gara gündedir, ýöne onuň işine başagaý bolup, hysyrdanyp ýörmesi hemmeleriň göwnüne ýakýar. Ondan gowy gullukçy bolup bilerdi, ýöne ol aňrybaş esger däldi, muňa onuň özüniňem gözi ýetip durdy. Şonuň üçin hem ol özüni «hojalyk işleri boýunça kapral» diýip atlandyrmagy halaýardy. Ýöne çepiksizje missis Jolif ony hemişe dogry ýola gönükdirip durmanlygynda, ol bu «hojalyk işlerinde» hem ýüz gezek bulaşardy. Şonuň üçin hem kapral islese-islemese öz aýalyna boýun egmeli bolýardy, dogry, ol muny boýun almagy gaty kyn görýärdi. Megerem, ol öz içinden belli filosof Sançonyň «Aýalyň aýdany Hudaýyň diýdigi däl, ýöne oňa gulak asmazlyk hem barypýatan samsyklykdyr!» diýen sözlerini hemişe gaýtalaýan bolsa gerek.

Öň aýdyşymyz ýaly, bu meýlisde iki sany myhman zenan hem bardy. Olaryň ikisem kyrk ýaşlaryndady. Olaryň biri dünýäniň meşhur zenan syýahatçylaryň arasynda iň öňdäki orunlary eýeläp, Pfeýfer, Tinne, Omer de Gell ýaly edermen zenanlar bilen bäsleşip biljekdi. Oňa Polina Barnet diýýärdiler. Patyşalyk geografiýa jemgyýetleriniň ýygnanyşyklarynda onuň ady uly hormat bilen tutulýardy. Özüniň batyr syýahatçy hökmünde başarnyklaryny Polina Barnet ençeme gezek görkezdi. Ol Brahmaputranyň akymy bilen ýokarlygyna ýüzüp, Tibet daglaryna baranda-da, Guwly goltukdan Karpentariý aýlagyna çenli, Awstraliýanyň heniz öwrenilmedik künjegini kesip geçende-de muny subut etdi. Mundan on bäş ýyl ozal ol dul galdy. Şondan bäri hem syýahatçylyga bolan höwesi ony näbelli ülkeleriň birinden beýlekisine alyp gidýärdi. Polina Barnet uzyn boýludy. Kä ýerinde çal görnüp ugran ýylmanak saçlary onuň dogumly ýüzüne gelşik berýärdi. Onuň «heniz görülmedik alys ýurtlaryň howasyndan dem alan» gelşikli burnunyň üstündäki kümüş çarçuwaly äýneginiň aňyrsynda az-kem

kütekleşen gözleri şadyýan bakýardy. Onuň gadam urşy aýal maşgalanyňka däl-de, erkek adamyňka meňzeýärdi, asyl tutuş durkundan zenan gözelligi däl-de, egsilmez ruhy güýç äşgär görünýärdi. Ol iňlis zenanydy, Ýork graflygynda doglupdy, ep-esli emlägiň eýesidi, ýöne ol öz baýlygynyň aglaba bölegini her hili howply syýahatlara harçlaýardy. Häzir Polina Barnetiň Relaýans fortunda peýda bolmagy, bu alys ülkä gelmegi hem onuň täze bir batyrgaý işe baş goşandygyny aňladýan bolsa gerek. Tropik ( Tropik – Ýer togalagynyň ekwatoryň iki tarapynda ýerleşýän yssy tebigy guşaklygy.) ýurtlara syýahat edenden soňra, megerem, onuň demirgazyk ülkeleriň çet gyralaryna baryp göresi gelen bolsa gerek. Onuň forta gelmegi dabaraly waka boldy. Şereketiň müdiri kapitan Krewentä missis Barnetiň aladasyny etmegi üçin ýörite hat iberdi. Ol hatda bu zenanyň Demirgazyk Buzly ummana barmak baradaky matlabynyň amala aşmagyna kapitanyň hemme tarapdan ýardam etmegi tabşyrylýardy. Ol beýik işiň başyny tutupdy. Ol Herniň, Makkenziniň, Reýiň, Frankliniň geçen ýollaryndan geçmelidi. Arktikanyň ýowuz tebigaty bilen göreşip, ol, gör, näçe kynçylyklara, synaglara, howp-hatarlara döz gelmelidi! Ençeme syýahatçylaryň ýetip bilmän, başlaryny gurban eden bu ülkelerine syýahat etmek bu zenanyň nireden kellesine gelip ýörkä? Bilip goýuň, Relaýans fortuna myhmançylyga gelen bu zenan ýöne-möne zenan däldi, ol Patyşalyk geografiýa jemgyýetiniň baýragynyň eýesidi.

Şu ýerde meşhur syýahatçynyň ýanyndaky Mej diýlip atlandyrylýan zenanyň onuň diňe bir hyzmatkäri bolman, eýsem, edermen, jana-jan jorasydygyny bellemek gerek. Mej diňe Polina Barnetiň isleglerine gulluk etmek bilen ýaşaýardy. Onuň batyrgaý häsiýeti haý-haýly Kalebe ýanýoldaş bolmaga mynasyp, gadymy şotland zenanyny ýadyňa salýardy. Mej uzyn boýludy, gujurlydy, öz hanymyndan bäş ýaş töweregi uludy. Mej bilen Polina biri-birini gaty sylaýardylar, gizlin zatlary ýokdy. Polina Meji özüniň aýal dogany hasaplaýardy, Mej bolsa Polina öz gyzy ýaly garaýardy. Bu iki zenan bir jan, bir tendi.

Ýagdaýlary has doly suratlandyrmak üçin hut Polina Barnetiň

hormatyna kapitan Krewentiniň öz öýüne şereketiň işgärlerini hem-de çippeweý taýpasynyň indeýlerini çagyrandygyny hem bellemelidiris. Syýahatçy zenan leýtenant Gobsonyň demirgazyga ugraýan toparyna goşulmalydy. Şol gün faktoriýanyň uly zalynda missis Polina Barnetiň hormatyna buýsançly sözler aýdylypdy.

Şol gün peçde tutuş bir sentner kömür ýakyldy. Çünki ol gün howa juda sowuk bolupdy. Daşarynyň howasy Farengeýt (Farengeýt – Angliýada we ABŞ-da ulanylýan howanyň gyzgynlygyny ölçeýji termometr, onda buzuň ereýän nokady 32 gradusa, suwuň gaýnaýan nokady bolsa 212 gradusa barabar. Termometriň ady nemes fizigi G. Farengeýtiň (1686 – 1736) adyndan gelip çykypdyr.) boýunça nuldan ýigrimi dört gradus peselipdi (Selsiýa (Selsiýa – suwuň doňmak nokadyndan gaýnamak nokadyna çenli ýüz gradus şkalasy bolan termometr. Termometriň ady şwesiýaly astronom A. Selsiýanyň (1701 – 1744) adyndan gelip çykypdyr.) boýunça 31° aňzak). Beýle sowuk bu jelegaý üçin geň däldi, çünki Relaýans forty 61°47′ demirgazyk giňişliginde ýerleşýärdi, ýagny ol polýar ( Polýar aýlawy – ekwatordan 66 gradus 33 minut Demirgazykdaky ýa-da Günortadaky parallel. Ol sowuk guşaklygyň araçägi diýlip hasaplanýar. ) aýlawyndan bary-ýogy dört gradus ( Gradus – bu ýerde töweregiň 1/360 bölegine deň bolan burç ölçeg birligi hökmünde gelýär.) uzaklykdady.

## IKINJI BAP

### Gudzon aýlagy deri şereketi

– Kapitan!

– Iki gulagym sizde, missis Barnet?

– Siz leýtenant Jasper Gobson hakynda nähili pikirde?

– Meniň pikirimçe, bu serkerde gaty uzaga gider.

– «Uzaga gider» diýýäniňize nähili düşünmeli? Ol segseninji parallelden geçer diýdigiňiz-ä däldir-dä?

Missis Barnetiň sowalyna kapitan Krewenti biygtyýar ýylgyrdy.

Myhmanlar bir nazy-nygmatly, birem her hili içgili stollaryň başyna baryp aýlanyp ýörkäler, olar bir gyrada, pejiň gapdalynda gürleşip otyrdylar.

– Hanym, bir adamyň başaranyny Jasper Gobson hem başarar – diýip, kapitan gürrüňdeşine jogap berdi. – Şereket özüniň eýeçiligindäki demirgazyk ýerleri barlamagy hem-de Amerika yklymynyň iň çetinden faktoriýa guramagy oňa ynandy. Ol faktoriýa hem hökman gurlar.

– Leýtenant Gobsona, gör, nähili jogapkärçilikli wezipe ynanylypdyr! – diýip, syýahatçy zenan geňirgendi.

– Hawa, hanym, ýöne Jasper Gobson nähili uly kynçylyk bolanda hem hiç haçan ýöwsellän däldir.

– Men size ynanýan kapitan – diýip, missis Barnet jogap berdi. – Tiz wagtdan leýtenant Gobsony iş ýüzünde hem görerin. Ýöne Buzly ummanyň kenarynda fort gurmagyň şerekete nähili bähbidi bar?

– Gaty uly bähbidi bar, hanym – diýip, kapitan jogap berdi. – Men-ä bu ýerde bir okda iki towşan urup bolar diýip hasap edýärin. Ýene ýakyn wagtlardan Russiýa özüniň Amerika yklymyndaky mülklerini Birleşen Ştatlaryň hökümetine berse gerek.25 Eger-de bu söwda başa baraýsa, Mak-Klýur tarapyndan açylan Demirgazyk-Günbatar geçelge hem aragatnaşyk üçin amatly ýola öwrülmese, şereketiň Ýuwaş ummana çykmagy gaty kynlaşar. Täze gözlegler, ine, şu meseläni anyklaşdyrmaly. Şonuň üçin hem gämiçilik edarasy ýörite gämini ýola ugratmaga hyýallanýar. Ol gämi amerikan kenarynyň ugry bilen Bering bogazyndan Täç geýdirme aýlagyna çenli gitmeli. Şol tarapda hem täze fort döredilmeli. Eger-de bu iş üstünlikli amala aşyrylsa, täze faktoriýa möhüm nokada öwrüler, demirgazygyň ähli sütük söwdasy onda jemlener. Täze fortdan ugran gämiler birnäçe günden Ýuwaş ummana gelip bilerler. Bu bolsa işimizi üzül-kesil ýeňilleşdirer, çünki indeýleriň mülkleriniň üstünden sütükleri geçirmek gaty kän wagt alýar hem-de ummasyz

çykdajylary talap edýär.

– Hawa, eger-de Demirgazyk-Günbatar geçelgäni ulanmak başardaýsa, dogrudanam, işler gaty şowlar – diýip, missis Polina Barnet jogap berdi. – Ýöne siz bir okda iki towşan diýibem bir zatlar aýtjak bolduňyz öýdýän…

– Häzir, hanym, men ony hem size düşündiräýerin – diýip, kapitan sözüni dowam etdi.

– Ana, onsoň siz bu işiň biziň şereketimiz üçin howa ýaly gerekdigini bilersiňiz. Rugsat berseňiz, men size öz şereketimiziň taryhy barada iki agyz gürrüň bereýin, şonda size biziň birmahallar gülläp ösen söwda bileleşigimiziň üstüne özüniň iň esasy girdeji alýan çeşmesini ýitirmek howpunyň abanandygyna göz ýetirersiňiz.

Onsoň kapitan Krewenti meşhur Gudzon aýlagy şereketiniň gysgaça taryhyny beýan etdi.

Mälim bolşy ýaly, gadymy eýýamlarda adam özüniň çyplaň tenini ýapmak üçin haýwanlaryň derilerini peýdalanypdyr. Şeýlelikde, deri söwdasy öz gözbaşyny örän gadymyýetden alyp gaýdýar. Ýuwaş-ýuwaşdan deriden taýýarlanýan geýimler gözdençykgynç bir zynata öwrülýär. Bu ýagdaý ahyrsoňy derileri bisarpa harçlamaga garşy ýörite kanunlaryň, esasanam, sütükleriň nysak edilmegine, ýagny ýoň bolmagyna ( Bu ýerde sütükli geýimleriň baýlygy aňladýan moda öwrülmegi göz öňünde tutulýar.) garşy kanunlaryň çykarylmagyna getirdi. Mysal üçin aýtsak, XII asyryň ortalarynda menekli we çal belkalaryň ( Belka – gemrijilere degişli, gymmatbaha derili, ullakan mymyk guýrukly kiçeňräk jandar.) derisinden geýimler taýýarlamak gadagan edildi.

1553-nji ýylda Russiýa özüniň demirgazyk mülklerinde birnäçe awçylyk hojalyklaryny döretdi. Iňlis şereketleri hem ur-tut olaryň göreldesine eýerdiler. Sobol ( Sobol – açyk goňur we gara goňur reňkli gymmatbaha derisi bolan samyrlar maşgalasyna degişli jandar.) gornostaý, suwiti söwdalary, esasan,

samoýedleriň ( Samoýedler — samodiý (nenes) halkynyň ruslar tarapyndan atlandyrylyşy.) üsti bilen alnyp baryldy. Ýöne Ýelizawetanyň şalyk eden döwründe onuň emri bilen gymmatbaha derilerden edilen geýimleri geýmek pugta çäklendirildi. Şonuň üçin hem söwdanyň bu pudagy uzak wagtlap ösmedi.

Ahyrsoňy 1670-nji ýylyň 2-nji maýynda Gudzon aýlagy şereketi deri söwdasyny etmek hukugyna eýe boldy. Onuň paýdarlarynyň arasynda ýokary gatlagyň wekilleriniň birnäçesi — gersog ( Gersog — Günbatar Ýewropada ýokary hökümdarlyk derejesi.) Ýorkly, gersog Olbermeýl, graf ( Graf — Günbatar Ýewropada, Russiýada ýokary gatlagyň barondan uly, knýazdan bolsa kiçi derejesi.) Şeftsberi we beýlekiler bardy. Oňa goýlan maýa bary-ýogy sekiz müň dört ýüz ýigrimi funtdan ybaratdy. Onuň bilen dürli hususy jemgyýetler bäsleşýärdiler. Olaryň wekilleri, Kanadada mesgen tutan fransuzlar gaty töwekgellik edýärdiler, ýöne ummasyz bähbidem görýärdiler. «Kanadaly syýahatçylar» ady bilen belli bolan bu gaýduwsyz awçylar täze döräp gelýän şereket bilen örän güýçli bäsleşdiler, şonuň üçin tasdanam şereketiň bar azaby reýgan bolupdy.

Ýöne Kanadany iňlisleriň eýelemegi bilen şereketiň ýagdaýy gowulaşdy. Üç ýyl soňra, 1766-njy ýylda Kwebek eýelenensoň deri söwdasy hasam janlandy. Iňlis şereketiniň wekilleri awçylygyň kynçylyklaryna uýgunlaşdylar, olar ýurduň däp-dessurlary bilen tanyşdylar hem-de indeýleriň häsiýetlerini öwrendiler, olar bilen alyş-çalyş etmegiň tärlerini ele aldylar. Şeýle-de bolsa, şereketiň girdejisi ugursyzdy. Onuň üstesine hem, Monrealyň täjirleri birleşip 1784-nji ýylda juda kuwwatly «Demirgazyk-Günbatar şereketini» döretdiler. Tiz wagtdan deri söwdasy boýunça geleşikleriň hemmesi diýen ýaly olaryň eline geçdi. 1789-njy ýylda bu täze bileleşik deri söwdasyndan ummasyz girdeji — bir ýüz ýigrimi müň funt sterling gazandy. Bu bolsa Gudzon aýlagy şereketi üçin güýçli urgy boldy.

Ýene bir aýtmaly zat, «Demirgazyk-Günbatar şereket» öz bähbidi üçin her hili şübheli usullary ulanmakdan hem gaýtmaýardy. Öz

işgärlerini mugtuna diýen ýaly işledýärdi, indeýleriň garyplygyndan peýdalanyp talaýardy. Parlamentiň indeý ýerlerinde spirtli içgileri satmagy gadagan edendigine garamazdan, olary içirip, aldawa salyp, «Demirgazyk-Günbatar şereketiň» wekilleri ummasyz girdeji gazandylar. Ýogsam amerikan we rus telekeçileri hem 1809-njy ýylda million dollar maýa goýumy bolan «Deri söwdasy boýunça amerikan şereketini» döredip, öz işlerini Gaýaly daglardan günbatarlygyna ýaýbaňlandyrdylar hem-de olar bilen ýiti bäsleşdiler.

Ýöne Gudzon aýlagy şereketi beýleki bileleşikleriň hemmesinden beter kösenýärdi. Ahyrsoňy 1821-nji ýylda üznüksiz çekeleşilen şertnama esasynda oňa özüniň köne garşydaşy «Demirgazyk-Günbatar şereketini» öz tarapyna çekmek başartdy. Bu iki kärhana «Gudzon aýlagy deri şereketi» atly bir kärhana birigdi.

Häzirki wagtda bu abraýly firmanyň diňe bir bäsdeşi bar, ol hem «Sent-Luis amerikan deri şereketi». Häzir «Gudzon aýlagy deri şereketi» üç million ýedi ýüz müň inedördül mile barabar meýdanda ýerleşen birgiden faktoriýalary özüne birleşdirýär. Olaryň iň esasylary Sewern derýasynyň aýagynda Jems aýlagynda, onsoňam günortada Ýokarky Kanadanyň serhetlerinde, şeýle hem Atabaska, Winnipeg, Ýokarky, Miçigan, Buffalo köllerinde we Kolumbiýa, Makkenzi, Saskaçewan, Assiniboýn we beýleki derýalaryň boýunda ýerleşýär. Gudzon aýlagyna guýýan Nelson derýasynyň boýundaky Ýork forty şereketiň baş edarasy. Şereketiň esasy deri ammary hem şol ýerde ýerleşýär. Mundan başga-da, 1842-nji ýylda şereket her ýylyna iki ýüz müň franka Demirgazyk Amerikadaky rus faktoriýalaryny hem kärendesine aldy. Şeýlelikde, bu şereket häzirki wagtda Missisipi derýasy bilen Ýuwaş ummanynyň aralygynda ýerleşen ägirt uly meýdany ulanýar, ähli çykdajylary hem özi çekýär. Şereket tarapyndan şaýy tutulýan edermen syýahatçylar ýurduň ähli ýerini terslin-oňlyn aýlanyp çykdylar. 1770-nji ýylda Hern Buzly ummana tarap gitdi hem-de ol ýerde mis ýataklaryny tapdy; 1819-njy ýyldan 1822-nji ýyla çenli wagtda Franklin amerikan kenarýakasyny

syryp, bäş müň bäş ýüz elli mil geçdi; Makkenzi öz ady dakylan derýany açandan soňra, 52°24′ demirgazyk giňişliginde Ýuwaş ummanyň kenarlaryna ýetdi.

1833-1834-nji ýyllarda şereket Ýewropa aşakda görkezilen mukdarda deri we sütük satdy, bu hem onuň söwda aýlanyşygynyň möçberleri barada aýdyň düşünje berýär:

Suwitiler 1 074
Jansyz doglan suwitiler
we çaga suwitiler 92 288
Müşk alakalary 694 092
Torsuklar 1 069
Aýylar 7 451
Gornostaýlar 491
Derýa gunduzlary 5 296
Tilkiler 9 937
Geçigaplaňlar 14 255
Samyrlar 64 490
Alajagözenler 25 100
Deňiz gunduzlary 22 303
Ýenotlar 713 ( Ýenot – ýenotlar maşgalasyna degişli, gür garamtyl sary sütükli kiçeňräk jandar.)
Guwlar 7 918
Möjekler 8 484
Rosomahalar 1 571

Şeýle uly mukdarda aw edilmegi Gudzon aýlagy şereketine ummasyz girdeji getirmelidi, ýöne, gynansagam, bu ýokary görkezijiler uzak saklanmady. Soňky ýigrimi ýylyň dowamynda girdeji gitdigiçe peseldi.

Kapitan Krewenti girdejiniň peselmeginiň sebäbini missis Barnete düşündirmekçi bolýardy.

– Hanym, bir müň sekiz ýüz otuz ýedinji ýyla çenli şereketiň işleri diýseň şowly gidip barýardy – diýip, ol sözüni dowam etdi. – Şol ýyl satylan derileriň mukdary hasam artyp, iki

million üç ýüz elli sekiz müňe ýetdi. Ýöne şondan bäri bu görkeziji azalyp gidip barýar. Häzir-ä ýaňky aýdanymyzyň gylla ýarysyny hem alyp bilemzok.

— Deri söwdasynyň şeýle çakdanaşa peselmeginiň sebäbi nämede? — diýip, missis Barnet sorady.

— Haýwanlar göçdi, onuňam sebäbi awçylaryň juda ýowuzlygy, dogrymy aýtsam, olar hyýanatçylykly aw etdiler. Aw üçin bölünen ýerlerde haýwanlary soňuny saýman tutdular, bogaz janawarlaram, olaryň çagalarynam gaýgyryp durmadylar. Şonuň netijesinde hem sütükli jandarlaryň sany azaldy. Gunduz ýitip gitdi diýen ýaly, indi olar diňe Ýuwaş ummanyň demirgazygyndaky adalarda duşýar. Suwitileriň sürüleri alyslardaky derýalaryň kenaryna göçdi. Beýleki gymmatbaha sütükli jandarlaryňam ýagdaýy edil şonuň ýaly. Olar hem awçylaryň deminden sypjak bolup, mesgenlerini täzelediler. Hemişe boş çykýan gapan ýokdy. Indi olara hiç zat düşenok. Sütügiň nyrhy gitdigiçe galyp barýar, sebäbi häzir deri önümlerine isleg gaty ýokarlandy. Ýöne awçylaryň eli sowady, indi diňe iň janypkeşleri, irginsizleri galdy, olaram aw üçin Amerika yklymynyň aýagujuna gitmeli bolýarlar.

— Şereketiň nämüçin Buzly ummanyň kenarlarynda faktoriýa gurmaga şeýle uly ähmiýet berýänligi indi düşnükli — diýip, missis Barnet jogap berdi. — Diýmek, haýwanlar Polýar aýlawynyň çäginden aňyrlygyna gaçypdyrlar-da?

— Hakyt şeýle, hanym — diýip, kapitan tekrarlady. — Ýöne şereket onsuzam öz işini demirgazykda gurnamaly, sebäbi iňlis parlamentiniň karary esasynda onuň mülki örän azaldyldy.

— Parlament mülk ýeriniň azaldylmagynyň sebäbini düşündirmedimi? — diýip, syýahatçy sorady.

— Beýik Britaniýanyň döwlet işgärlerini gaty alada goýýan ykdysady ýagdaýlar üçin mülkümiz azaldyldy. Şereket hiç haçan çola ýerleri ilatlaşdyrmagy maksat edinmändi. Tersine, özüniň ägirt uly meýdanlarynyň özleşdirilmezligi onuň bähbitlerine

laýyk gelýärdi. Topraga ideg etmäge, ekerançylyk ýerlerini döretmäge synanyşyklar sütükli haýwanlary ürküzjekdi, şonuň üçin hem şeýle synanyşyklaryň ur-tut öňi alynýardy. Awçylyk hünäriniň düýp mazmuny ony ekerançylyga gapma-garşy edip goýýar. Onuň üstesine hem, şereketiň dolandyryjy düzümi öz işine bähbitsiz zatlara asla kelle agyrtmak islemeýärdi. Şereketiň bu eden-etdiligi köplenç halatda ýurduň ykdysadyýetine zelel berýärdi. Şonuň üçin hem parlament zerur hasaplan çärelerini durmuşa geçirip başlady. Bir müň sekiz ýüz elli ýedinji ýylda koloniýa ( Koloniýa – daşary ýurduň garamagyndaky ýer.) işleri boýunça ministr tarapyndan bellenen iş topary ekerançylyga ýaramly ýerleri – mysal üçin aýtsak, Gyzyl we Saskaçewan derýalarynyň jülgelerini Kanada birikdirmek hakynda, şerekete bolsa ekerançylyk üçin hiç hili bähbidi bolmadyk ýerleri galdyrmak barada karar kabul etdi. Ýene bir ýyldan şereket Gaýaly daglaryň günbatar eňňitlerini ýitirdi, ol ýerler koloniýa işleri ministrliginiň garamagyna geçirildi. Indi şereket hiç haçan ol ýerlerden ozalkylary ýaly peýdalanyp bilmez. Ine, hanym, şu sebäplere görä şereket deri söwdasyndan el ýuwaýmaly bolup dur. Şonuň üçinem ol öz işlerini Arktikanyň heniz öwrenilmedik künjeklerinde ýaýbaňlandyrmakçy bolýar hem-de Demirgazyk-Günbatar geçelgäniň üsti bilen Ýuwaş ummana çykmak isleýär.

Indi missis Barnet Gudzon aýlagy şereketiniň göz öňünde tutýan meýilnamalary barada ähli zady bilýärdi. Hatda ol Buzly ummanyň kenarynda täze guruljak forty esaslandyrmaga hem gatnaşmalydy. Kapitan Krewenti ony işleriň häzirki ýagdaýy bilen oňat tanyşdyrdy. Ol munuň bilenem çäklenmän, has jikme-jik maglumatlary hem gürrüň berjekdi, ýöne garaşylmadyk ýagdaý onuň gyzykly gürrüňiniň arasyny üzdi.

Kapral Jolif hemmeler eşider ýaly edip, missis Jolif bilen punş taýýarlamaga başlaýandygyny äşgär etdi. Bu habar uly şowhun bilen garşylandy. Hatda çapak çalyp, gygyryşanlaram boldy. Okara (dogrusy, oňa okara däl-de, legen diýseň gowy gelişjekdi) gymmat bahaly suw – on pintadan ( Pinta –

Angliýada, ABŞ-da 0,5 litre barabar bolan suwuklyk ölçeg birligi. ) az bolmadyk brendi şerbedi guýuldy. Onuň düýbünde missis Jolifiň öz eli bilen ölçäp atan gant bölekleri üýşmek bolup durdy. Ýüzünde bolsa köp durup könelenliginden ýaňa ýygyrt-ýygyrt bolup giden limon bölekleri ýüzüp ýördi. Indi bu köli otlamak gerekdi. Kapral eli çakmakly, göýä, nämedir bir zady partlatmakçy bolýan ýaly, öz kapitanynyň buýruk bermegine garaşýardy.

– Jolif, başla! – diýip, kapitan Krewenti dabara bilen seslendi.

Ot garynda degrildi hem-de punş dessine lowlap ýandy. Hemmeler el çarpyşdylar.

Ýene on minutdan myhmanlaryň arasyna doly badalar aýlandy. Göýä biržalarda ( Birža – maliýe we söwda ylalaşygyny baglaşdyrýan edara.) nyrh ýokarlananda çar ýandan paýnamalara ( Paýnama – başgaça aksiýa, paýdarlar jemgyýeti tarapyndan goýberilýän gymmatbaha kagyz, ol paýnamanyň eýesiniň başlangyç maýa goşant edendigine güwä geçýär hem-de onuň girdejiniň belli bir bölegine eýe bolmaga, edarany dolandyrmaga gatnaşmaga hukugyny kepillendirýär.) elleriň uzalyşy ýaly, her kim oňa elini uzatdy.

– Ura! Ura! Missis Barnete şöhrat! Kapitana şöhrat!

Şatlyk-şowhunyň al-asmana galan pursadynda daşardan nähilidir bir galmagal eşidildi. Hemmeler sesini goýdy. Kapitan:

– Seržant Long, bar seret, bu nämäň gopguny – diýip seslendi.

Öz baştutanynyň tabşyrygyny ýerine ýetirmek üçin seržant elindäki bulguryny taşlap, daşary ylgady.

## ÜÇÜNJI BAP

### Erän alym

Insizje däliz bilen daşky gapa ýetip barýan seržant Long

galmagalyň hasam güýçlenýändigini eşitdi. Kimdir biri beýik agaç diwarlar bilen gurşalan fortuň howlusyna girilýän derwezäni güýjüniň ýetdiginden ýumruklaýardy. Seržant gapyny açdy. Ýer bir fut galyňlykda gara basyrylypdy. Çyplaň geýimli seržant, içiňden geçip barýan eýmenç sowukda, syrgynyň derdinden gözünem açyp bilmän, dyza ýetip duran garyň içinden ýykylyp-sürşüp howlyny kesip geçdi hem-de derwezäň ýanyna geldi.

Derwezäniň agyr sokmasyny aýryp durka ol «Munuň ýaly aldajy howada syňsyraklap ýörenem bir bela bormy? Beýle aňzakda eskimoslar ( Eskimoslar – Russiýanyň Çukotka ýarym adasynda, Demirgazyk Amerikanyň Arktika kenarlarynda we Grenlandiýada ýaşaýan halk.) bolaýmasa, gorkman daş çykyp biljek bolmaly-ha däl» diýip, biygtyýar pikir etdi.

– Açaweriň, açaýyň-da, bolsaňyz-la! – diýip, daşardan sabyrsyzlyk bilen gygyrylýardy.

– Açýas – diýip, seržant Long äwmezlik bilen jogap berdi, ol göwnübir ýaly asyl gyssanaýyn diýenokdy.

Ahyrsoňy derwezäniň iki tarapy hem giňden açyldy. Üç sany it goşulan sani (Sani – tigirleriň deregine ýylmanak egri agaçlardan taýgyç goýlan gararabasy.) badyna seržanty garyň üstüne zyňyp, ýyldyrym çaltlygynda howla kürsäp girdi. Tasdanam sani Longuň üstünden geçipdi! Ýöne bolsa-da onuň çöregi bitin ekeni, ujyz sypdy. Ol hasanaklap ýerinden turdy-da, üst-başyny kakyşdyryp, howlukman derwezäni ýapdy hem-de özüniň adaty ýöreýşi bilen, has takygy, minutda ýetmiş bäş ädim gadam urup öýe ýöneldi. Kapitan Krewenti, leýtenant Jasper Gobson hem-de kapral Jolif eýýäm bosagada häzir bolupdylar. Olar sowugy ýadyndan çykaryp, öňlerindäki gar basyp, çuw ak bolan sanä gyzyklanma bilen seredýärdiler.

Kellesi bilen possuna bürenen bir adam ondan düşdi hem-de:

– Relaýans fortumyka? – diýip sorady.

– Hawa, siz ýalňyşmansyňyz – diýip, kapitan jogap berdi.

– Kapitan Krewenti kimkä?

– Men. Siz kim?

– Menmi? Men şereketiň çapary.

– Siziň ýeke özüňizmi?

– Ýok, men siziň ýanyňyza syýahatçy getirdim!

– Syýahatçy? O bärik nämüçin geldi?

– Aýa seretmäge.

Onuň bu jogabyny eşiden kapitan Krewenti neressäniň akyly ýazaýdymyka diýip oýlandy? Munuň ýaly ýagdaýda başga näme pikir etjek? Ýöne ol öz pikirini daşyna çykarmaga ýetişmänkä, çapar saniden içi garly halta meňzeş bir zady goltuklap düşürdi-de, ony alyp öýe ýöneldi.

– Bu haltaň näme? – diýip, kapitan ondan sorady.

– Bu meň syýahatçym – diýip, çapar jogap berdi.

– O nähili syýahatçy?

– Astronomiýa boýunça alym Tomas Blek.

– Ol doňup giden ýaly-la?

– Häzir biz onuň doňuny çözeris.

Seržant, kapral hem-de çapar üçüsi Tomas Bleki göterip öýe saldylar. Ony birinji gatdaky otaga getirdiler. Peç dym gyzyl bolup ýanyp duransoň, otagyň howasy hiç neneň däldi. Olar ony ýatalganyň üstünde goýdular, kapitan onuň ýüreginiň urşuny barlady.

Onuň eli buz ýalydy. Tomas Blekiň daşyna pugta dolanan ýorgançany hem-de içmegi aýranlarynda, olar elli ýaşlaryndaky

saçy çalaran, sakgaly syh-syh, keltejikden ýogyn adamy gördüler. Onuň gözleri ýumulgydy, dodaklary bolsa gummiarabik ( Gummiarabik – akasiýa agajynyň dürli görnüşlerinden çykýan, howada gataýan dury suwuklyk. Ýelim hökmünde ulanylýar. ) bilen ýelimlenen ýaly pugta gysylgydy. Onuň demi ýokdy, eger demi bolaýanlygynda hem, gaty gowşak dem alýan bolsa gerek, çünki onuň demi aýnany hem çygjartjak däldi. Jolif onuň geýimlerini sypyryp başlady, özi hem:

– Hany jenap, ýeri bakaly! Hany boluň, özüňize gelmek hyýalyňyz ýokmy? – diýip hümür-hümür edýärdi.

Ýöne şeýle täsin ýagdaýda peýda bolan geň gelmişek amanadyny tabşyrana meňzeýärdi. Onuň doňuny çözmek üçin Jolif üstüne gaýnag punş guýmakdanam gaýtjak däldi.

Ýöne Tomas Blekiň bagtyna, leýtenant Jasper Gobsonyň kellesine başga bir pikir geldi. Ol:

– Gar äkeliň! – diýip buýurdy. – Seržant Long, köpräk gar getir.

Relaýans fortunda gardan bol zat barmy näme? Seržant gar getirýänçä, Jolif astronomy doly çykaryndyrdy. Görgüliň endam-jany ak menek bolup durdy. Ol onuň süňňüne sowugyň mazaly ornandygyndan habar berýärdi. Biçäräniň sowuk alan ýerlerine dessine gan aýlanar ýaly etmelidi. Jasper Gobson hem onuň endamyna gar sürtmek arkaly şeýtjek bolýardy. Aldajy sowuk bolanda gan hem edil derýalaryň suwy ýaly doňýardy. Şonuň ýaly ýagdaýda demirgazyk halklarynyň köneden gelýän bir emeli bardy, olar doňan adamyň endamyna gar sürtýärdiler. Bu öňden mälimdi.

Onýança seržant Long hem geldi. Onsoň ol Jolif bilen bilelikde täze geleniň endamyna şeýlebir zabunlyk bilen gar sürtüp başladylar welin, onuň teni munuň ýaly synagy henize-bu güne çenli gören däl bolsa gerek. Olaryňky ýeňiljek sürtmek ýa-da eliňi ýaglap ýumşajyk sypama däldi, gaty ýowuz owkalamady. Olaryň ikisi hem ellerini çermäp, Blek görgülini dyrmyk bilen

gazan ýaly gazap başladylar. Olar garader bolup haýdaşlap durkalaram, geplemsek kapralyň dili dek duranokdy, ýogsa onuň aýdýanlaryny syýahatçy pahyryň eşitmeýändigi köre mälimdi:

— Hany, jenap, ýeri bakaly, munyň-a bolanok! Siz näme, şeýdip doňaýjakmy? Goýup oturyň, munyňyz bolmaz! Hany, oýanyň, bes ediň keçjallygyňyzy!

Dogrudanam, Tomas Blek keçjallyk etmegi çyny bilen ýüregine düwen bolarly, ýarym sagat geçensoňam ol öz içinde janynyň baryny bildirenokdy. Adamlar indi ony özüne getirmek umydyny ýitirdiler, owkalaýjylar özleriniň ýeňil bolmadyk işlerini bes etmekçi bolup durkalar, birden ol betbagt birnäçe gezek çalaja dem aldy.

— Ol diri! Ol özüne gelýär! — diýip, Jasper Gobson begenjine gygyryp goýberdi.

Sürtme ol görgüliniň endamyny gyzdyrdy, ýöne onuň içini hem gyzdyrmak gerekdi, şonuň üçin hem kapral Jolif ylgap punş alyp geldi. Syýahatçy jana şypa berýän suwuklykdan birnäçe owurt içdi, dessine hem ýagdaýy ýeňilleşip başlady. Onuň ýaňaklary ýene gyzaryp başlady, gözleri daş-töweregini saýgaryp ugrady, dodaklary gymyldady. Indi kapitan Tomas Blekiň nämüçin bu alys ülkä, şeýle gözgyny ýagdaýda gelenini onuň öz dilinden eşitjegine umyt edip başlady.

Üstüne birgiden ýorgan ýapylan astronom tirsegine direnip çalaja galdy hem-de ysgynsyz sesi bilen:

— Relaýans fortumy? — diýip sorady.

— Hut şeýle — diýip, kapitan jogap berdi.

— Kapitan Krewenti hany?

— Ynha, men bärde, size «Hoş geldiňiz, jenap, gözümiziň üstünde ornuňyz bar!» diýýän, eşideňzokmy? Onsoňam Relaýans fortuna näme maksat bilen gelendigiňizi bilmek isleýärin?

— Aýa seretmäge! — diýip, çapar onuň ýerine jogap berdi. Megerem, bu söz oňa juda ýaran bolarly, çünki ol muny eýýäm ikinji gezek gaýtalaýardy.

Onuň jogaby Tomas Blekiň hem ýüregine jüňk bolan borly, ol ony makullap baş atdy, soňra bolsa:

— Leýtenant Gobson nirede? — diýip sorady.

— Men bärde — diýip, leýtenant jogap berdi.

— Siz entek gitmänsiňiz-dä, diýmek?

— Ýok, heniz gidemzok ser.

— Onda men size öz hoşallygymy bildirýärin — diýip, Tomas Blek aýtdy hem-de — Ýöne men häzir ertire çenli mazaly ukymy almaly! — diýip, sözüniň üstüni ýetirdi.

Kapitan bilen onuň ýanyndakylar bu birtöwra adamyň arkaýyn dynjyny almagy üçin bada-bat beýleki otaga geçdiler.

Ýarym sagatdan baýramçylyk tamamlandy, myhmanlar özleri üçin niýetlenen öýlere dagaşdylar, olaryň kimsi fortuň içindäki otaglarda ýerleşdiler, kimsi bolsa fortuň howlusynyň daşyndaky jaýlara dynç almaga gitdiler.

Ertesi gün Tomas Blek mazaly özüni tutdy. Onuň tut ýaly sagat bedeni aňzagyň şatysyna döz gelipdi. Munuň ýaly ýagdaýda başga biri bolanlygynda aňsat aýňalyp bilmezdi, ýöne ol başga adamlar ýaly däldi, birtöwra, täkmekli adamdy.

Ýogsa-da, bu astronom kimkä? Ol bu jelegaýlara nireden düşüp ýör? Ol şeýle aldajy sowukda şereketiň mülkünde näme işläp ýörkä? Çaparyň aýdýany näme diýdigi bolýaka? Aýa seretmek! Aýa seretjek bolsaň başga ýer gytmy, Aý hemme ýerde-de bar ahyry, şony görjek bolup indi gel-gel Polýar aýlawyna gelmelimi?

Kapitan Krewenti özüne şeýle sowallar berýärdi, bu zatlara näme diýip, näme aýtjagyny bilenokdy. Ýöne ertesi gün ol

özüniň bu täze myhmany bilen gürleşensoň hemme zada göz ýetirdi.

Tomas Blek, hakykatdanam, mister Eýri tarapyndan ezberlik bilen ýolbaşçylyk edilýän Grinwiç obserwatoriýasynyň (Grinwiç obserwatoriýasy — 1675-nji ýylda Londonyň eteginde esaslandyrylan astrometriýa barlaglaryny geçirýän esasy obserwatoriýa. Ýer ýüzüniň uzaklyklarynyň hasaby ýöredilip başlanýan nulynjy meridian, bu obserwatoriýanyň üstünden geçýär.) astronomydy. Nazary taýdanam zehini ýetikse-ýetikdir welin, Tomas Blek bilesigelijilik, höwesjeňlik babatynda uçursyz zor adamdy. Ol özüniň ýigrimi ýyllyk zähmet ýolunda astronomiýa bilimlerine gaty uly goşant goşdy. Ýöne durmuş meselelerinde welin, ol barypýatan nalajedeýin adamdy. Göýä, ýerde däl-de, asmanda ýaşaýan ýaly, onuň astronomiýadan başga bilýän zady ýokdy. Oňa Lafonteniň basnýasyndaky guýa nädip gaçanyny özi bilmän galan elemtas alymyň nesillerinden diýip aýtsaň tüýs ýerine düşjekdi. Onuň bilen ýyldyzlardan başga hiç zat hakynda söhbet etmek mümkin däldi. Oňa ýyldyzlara syn edilýän turba dürbiniň içinde ýaşa diýseler, keýpihon razy boljakdy. Ýöne her näme diýseňem, ýyldyzlar babatynda Tomas Bleke ýer ýüzünde taý gelip biljek ýokdy! Oňa egsilmez tutanýerlilik berlipdir! Ol haýsydyr bir asman hadysasyny synlamak üçin ençeme aýlap basa oturyp bilýärdi! Tomas Blek bolidler ( Bolid — ýere gaçýan, lowlap ýanýan uzyn guýrukly ýagty meteorit.) we süýnýän ýyldyzlar boýunça hünärmendi. Onuň astronomiýanyň bu ugry boýunça eden açyşlary içgin öwrenilmäge mynasypdy. Haýsydyr bir hysyrdyly ylmy gözleglerde, inçeden seljerme geçirip, takyk kesgitleme goýmaly bolsa elmydama Tomas Bleke ýüz tutýardylar. Çünki onuň «göz çaky» haýran galaýmaly takykdy. Hawa, gözegçilik etmek başarnygy her öňýetene berilmändir. Şonuň üçin hem alym-selenograflary diýseň gyzyklandyrýan bir hadysanyň syryny açmaga gezek gelende grinwiç astronomynyň saýlanyp alynmagyna geň galasy zat ýokdy.

Mälim bolşy ýaly, doly Gün tutulmasynda Aýyň töweregini

lowurdap duran zolak gurşap alýar. Aýyň täji diýlip atlandyrylýan bu zolagyň emele gelmeginiň sebäbi nämedekä? Bu haýsydyr bir dykyz gatlakmyka? Ýa-da Gün şöhlesiniň Aýa düşüp döwülmeginden emele gelýän ýagtylygyň täsirimikä?! Ençeme barlaglaryň geçirilendigine garamazdan, häli-häzire çenli bu sowala jogap tapylanokdy.

Baryp-ha 1706-njy ýyldan başlap, alymlar bu ýalpyldawuk gurşawyň ylmy beýanyny ýazmaga başlapdylar. Luwil bilen Galleý – 1715-nji ýylda, Maraldi – 1724-nji ýylda, Antonio de Ulloa – 1778-nji ýylda, Budiç bilen Ferrer – 1806-njy ýylda doly Gün tutulmasynda bu halkany dykgat bilen öwrendiler. Ýöne olaryň biri-birine gapma-garşy gelýän ylmy çaklamalaryndan anyk bir netijä gelmek mümkin däldi. 1842-nji ýylda doly Gün tutulanda dünýäniň ähli alymlary – Eýri, Arago, Petal, Ložýe, Mowe, Otto, Struwe, Peti, Beýli we beýlekiler bu hadysanyň çözgüdini tapmaga synanyşdylar. Ýöne olaryň gury arryklaryny gynany boldy. Arago bu hakynda «Ýer togalagynyň dürli künjeklerinde şol bir Gün tutulmasyny synlan dünýäniň iň esasy astronomlarynyň pikirleriniň biri-birine gapma-garşy gelmegi, bu meseläni aýdyňlaşdyrmakdan geçen, hasam bulaşdyrdy, indi bu hadysany ýüze çykarýan sebäp barada belli bir pikire gelmek düýbünden mümkin däl» diýip bu meseläni çözmekden, özleriniň ejizdiklerini boýun almakdan başga alaç galmady. Şondan soň ýene birnäçe gezek doly Gün tutulmasyna gözegçilik edildi, ýöne bu meseläniň belli-külli çözgüdini tapmak başartmady.

Selenograflar bolsa bu meseläni iňňän wajyp mesele hasaplaýardylar. Her edip-hesip edip, bu meseläniň çözgüdini tapmalydy. Ahyrsoňy ençeme alymlaryň kellesini agyrdan, şeýle kän jedel döreden ýalpyldawuk gurşawy öwrenmek üçin ýene bir mümkinçilik döredi. 1860-njy ýylyň 18-nji iýulynda täze Gün tutulmasy bolmalydy. Amerikanyň demirgazygynda, Ispaniýada, Demirgazyk Afrikada we ýene-de käbir ýurtlarda bolsa doly Gün tutulmasy bolup geçmelidi. Astronomlar doly Gün tutulmasynyň boljak ýerlerinde, bir wagtda gözegçilikleri alyp barmaly diýip bir çukura tüýkürdiler. Tomas Bleke hem Amerikanyň

arktiki giňişliklerinde bu Gün tutulmasyna gözegçilik etmek tabşyrylypdy. Şeýlelikde, ol 1851-nji ýylda doly Gün tutulmasy bolanda Şwesiýada we Norwegiýada gözegçilik geçiren iňlis astronomlarynyňky ýaly şertlerde gözegçilik etmelidi.

Tomas Blekiň ýalpyldawuk täji öwrenmäge özüne berlen mümkinçilige höwes bilen razy bolandygy, elbetde, düşnüklidir. Mundan başga-da, ol Aý agyllamasynyň, ýagny Ýeriň hemrasynyň daş-töwereginde kämahallar peýda bolýan gyzylymtyk gurşawyň tebigatyny mümkin boldugyndan kesgitlemelidi. Eger-de grinwiç astronomyna bu meseläni çöp döwen ýaly edip çözmek başardaýsa, onda ol Ýewropanyň ähli alymlarynyň hormatyna, gürrüňsiz, mynasyp boljakdy.

Tomas Blek gaýtmaga taýýarlyk görýän mahaly Gudzon aýlagy şereketiniň müdirine goldaw hatyny edindi. Edil şol mahallar şereket Amerika yklymynyň demirgazyk kenarlarynda täze faktoriýa gurmak maksady bilen ýörite toparyň şaýyny tutup ýördi. Şeýle amatly ýagdaýdan peýdalanmak gerekdi, şonuň üçin hem Tomas Blek haýal etmezden ýola düşdi. Ol Atlantik ummany kesip geçdi hem-de Nýu-Ýorka geldi, soňra bolsa kölüň üsti bilen Gyzyl derýadaky obajyga geldi. Ondan soň ol şereketiň çaparynyň sanisine münüp, gyş paslynyň aldajy sowugyna, beýle syýahatyň howp-hataryna seretmezden, fortdan-forta geçip 1859-njy ýylyň 17-nji martynda, okyjylarymyza eýýäm mälim bolan ýagdaýda Relaýans fortuna geldi.

Astronom kapitan Krewentä, ine, şu zatlary gürrüň berdi, ol hem oňa ähli zerur kömekleri bermäge doly taýýardygyny mälim etdi.

– Ýöne mister Blek, siz näme üçin beýle gyssandyňyz? – diýip, kapitan gyzyklandy. – Gün tutulmasy bir müň sekiz ýüz altmyşynjy ýylda, ýagny geljek ýyl bolmaly ahyry.

– Kapitan şereketiň amerikan yklymynyň kenaryna, ýetmişinji parallelden demirgazyga ýörite topar ugradýandygyny maňa duýdurdylar, onsoň men hem leýtenant Gobsonyň toparyna

daklyşmaga ýetişmerin öýdüp gorkdum – diýip, astronom jogap berdi.

– Mister Blek, eger-de siz leýtenanta ýetişmedik bolanyňyzda hem, sizi Buzly ummana elin ugratmagy men özümiň borjum hasaplardym – diýip, kapitan hem onuň ugrundan gopdy.

Soňra ol oňa Relaýans fortunyň arzyly myhmanydygyny hem-de ähli babatda özüne bil baglap biljekdigini ýene bir gezek ynandyrdy.

(Dowamy bar).

***Rusçadan terjime eden Gurbangeldi MÄMMETSÄHEDOW***